# Hiç kimse

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Hiç kimse HIÇ KIMSE

Bagta sary ädim ätdik deň ýöräp
Ýakdyk yşky:
Sen-ä çi:şdiň, men kebap.
Başa düşen aýralyga bar sebäp,
Diýmesinler pelekdigni hiç kimse.

Çyndyr diýme – söýýänleriň hemmesin
Deňdir diýme – görýänleriň hemmesin
Meň gözümden hiç kim ony görmesin,
Şonda bilmez melekdigni hiç kimse.

Juwan ömri söýgi bilen gurşanlar –
aýry boldy –
birwagtky bir janlar.
Bilmediler, goşgy diýip çyrşanlam
Dertlerime kömekdigni hiç kimse.

Bilmedim parhyny, dogrumy, telek
Ýugrumy ýetse-de, durmady çörek.
Duýmadylar,
duýmadylar,
ah, ýürek!
Diňe şonuň gerekdigni hiç kimse. Goşgular